# Ogul-gyzyñ ata-enäniñ öñündäki kyrk parzy

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ogul-gyzyñ ata-enäniñ öñündäki kyrk parzy OGUL-GYZYÑ ATA-ENÄNIÑ ÖÑÜNDÄKI KYRK PARZY

Beýik akyldar we sufi şahyrymyz Döwletmämmet Azady özüniñ «Wagzy-Azat» diýen kitabynda perzendiñ ata-enäniñ öñündäki parzynyñ kyrk sanydygyny aýdyp, olaryñ 10-synyñ ten, 10-synyñ dil, 10-synyñ köñül, 10-synyñ bolsa mal bilen berjaý edilmelidigini belleýär. Ine, şolar:

1. TEN BILEN BERJAÝ EDILMELI PARZLAR

1). Ata-enä hyzmat etmek.
2). Ata-enäni hormatlamak.
2). Ata-ene bilen sözleşeniñde mylaýym, ýuwaş sesli bolmak.
4). Ata-enäni käýitmezlik.
5). Ata-eneñ razy bolmasa, gezelenje gitmezlik.
6). Bir ýerden gelenlerinde ata-enäni garşylamak.
7). Bir ýere gidenlerinde ata-enäni ugratmak.
8). Ata-ene çagyranda hyzmata häzir bolmak.
9). Ata-enäniñ möhümini bitirmek.
10). Ten bilen dürli ýumuşlary bitirmek.

2. DIL BILEN BERJAÝ EDILMELI PARZLAR

1). Ata-enäniñ mertebesini öñküden belent saklamak.
2). Ata-eneden özüñi pes tutmak.
3). Ata-ene bilen gepleşeniñde sesiñi gataltmazlyk.
4). Ata-enä söz aýtmazlyk, iş buýurmazlyk.
5). Ata-enä sypaýyçylyksyz söz aýtmazlyk.
6). Ata-enä görkezme bermeklik.
7). Ata-enäniñ ýanynda gaty gürlemezlik.
8). Ata-enäniñ ýüzüne garap tüýkürmezlik.

9). Ata-enäniñ gözüne garap sözlemezlik.
10). Ata-enäniñ adyny, lakamyny tutmazlyk.

3. KÖÑÜL BILEN BERJAÝ EDILMELI PARZLAR

1). Ata-enä tüýs ýürekden mähir eçilmek.
2). Ata-enäni iñ ýakyn adamyñ diýip hasap etmek.
3). Ata-enäniñ guwanjyny gazanmak.
4). Ata-ene käýese köñli darlyk etmezlik.
5). Ata-enäniñ jezasyna kaýyl bolmak.
6). Ata-enäniñ derdine dertdeş bolmak.
7). Ata-ene bilen ýürekdeş-syrdaş bolmak.
8). Ata-enäniñ wadalaryna garşy bolmazlyk.
9). Ata-ene näçe köp ýaşasa-da, olara uzak ýaş dilemek.
10). Ata-enäni köñül soltany saýmak.

4. MAL BILEN BERJAÝ EDILMELI PARZLAR

1). Ata-enäniñ eşigini özüñkiden ýagşy etmek.
2). Ata-enä özüñkiden ýagşy zady iýdirmek.
3). Ata-enäniñ öñünde her gün nahary minnetsiz goýmak.
4). Ata-enäniñ arzuwlaryna amal kylmak.
5). Ata-enäniñ gerek zadyny tapyp bermek.
6). Baýlygyñy ata-eneden gizlemezlik.
7). Ata-eneñi razy etmek sadaka bermek.
8). Ata-enäniñ dost-ýarlaryny mähirli myhman almak.
9). Ata-ene näsaglanda olaryñ sagalmaklary üçin alada etmek.
10). Ata-ene sahylyk etmek. Pedagogika we edep-terbiýe